# Mosuldaky Atabeg döwleti -2

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Mosuldaky Atabeg döwleti -2

Mosul we Halap Atabeglikleriniň arasyndaky gatnaşyklar

I. Seýfeddin Gazy I döwründäki aragat-naşyklar (541-544-nji ýyllar).
A. Doganlar Gazy bilen Nureddiniň arasyndaky ýaramaz gatnaşyklaryň aradan aýrylmagy.
B. Doganlaryň arasyndaky hyzmatdaş-lygyň ýüze çykmagy.
1. Damaskyň gabalmagy.
2. Arym galasyny eýelemäge Mosul harby güýçleriniň gatnaşmagy.
3. Mosul leşgerleriniň Halap goşu-nyna birigip, Anip şäherinde pereňlileri derbi-dagyn etmekleri we Famiýe şäherini eýelemekleri.
4. Seýfeddin Gazynyň aradan çykmagy we Mosulda Kutbeddin Möwdudyň höküm-darlyk etmegi.

II. Kutbeddin Möwdut bin Ymadeddin Zeňňiniň döwründäki gatnaşyklar (544-565-nji ýyllar).

A. Nureddiniň Sanjar şäherini eýeläninden soňra gatnaşyklaryň dartgynlaşmagy.

B. Mosul bilen Halabyň arasyndaky gatnaşyklaryň gowulanmagy.

W. 559-njy ýylda Harim şäherini eýelemäge Mosulyň goşunynyň gatnaşmagy.

G. Kutbeddiniň dogany Nureddin bilen haçparazlaryň Trablus şäherine ýöriş etmegi.

D. Kutbeddin Möwdudyň aradan çykmagy we hökümetiň Seýfeddin Gazy II eline geçmegi.

III. 569-nji ýylda Nureddin aradan çykýança, Seýfeddin Gazy II

döwründäki aragatnaşyklar.

A. Nureddiniň Mosuldaky abraýy.

B. Mosul esgerleri bilen pereňlileriň arasyndaky söweş.

W. Nureddin aradan çykandan soňra Mosulyň syýasy ýagdaýlary.

Mosul we Halap Atabeglikleriniň arasyndaky gatnaşyklar (541-569-njy ýyllar)

Ymadeddin Zeňňiden soňra Atabegler döwletini onuň iki ogly dolandyrdy. Seý-feddin Gazy Mosulda we Mesopotamiýada, Nureddin Mahmyt bolsa Halapda we onuň golaýyndaky Şam şäherlerinde hökümdar-lyk etdi. Emma olaryň dogany bolan Emiranyň emiri Nasreddin şol wagt dogany Nureddiniň tabynlygyndaky Harranda hökümdarlyk etdi. Olaryň dördünji dogan-lary Kutbeddin bolsa öz dogany Seý-feddiniň hemaýat etmekliginde Mosulda boldy.
Habur derýasy Seýfeddin Gazy bilen Nureddin Mahmydyň mülklerini bölüji serhet bolup durýardy. Mosulda we Halapda Atabegligiň döremegi bilen bu ikisi örän ysnyşdy. 522-nji ýylda Zeňňiniň döw-ründe olaryň arasynda baglanyşyk ýüze çykypdy. Şol ýylyň özünde hem Halaba Atabegligiň täsiri ornaşdy.
Şeýlelikde, birleşen neberäniň hököm-darlygynyň baglanyşmagynyň täsiri as-tynda Mosul Atabegligi bilen Halap Atabegliginiň arasynda adata görä ykjam aragatnaşyk boldy. Bu iki döwletiň hököm-darlary Şam şäherlerindäki pereňlileriň garşysyna söweşip, bir maksada gulluk etdiler. Ol söweşi bolsa Ymadeddin Zeňňi başlapdy, haçparazlar bilen goňşuçylykda bolan Halap hökümdarlygyndaky Nureddin söweş tuguny göterip, söweşi dowam etdirdi.
Halap Mosul bilen Mesopotamiýa şäher-lerine garanyňda howpsuzlyk örtgüsini emele getirýär, ýagny şu şäher niçiksi howpa duçar bolsa, onuň hatarly netijeleri Mosulda we Mesopotamiýada ýüze çykýardy.
Şu ýagdaýa esaslanyp, Mosul hökümdary bilen onuň dogany bolan

Halap hökümda-rynyň kakalary aradan çykandan soňra, olaryň arasynda gatnaşyklar ýüze çykdy. Şondan soňra Halabyň hökümdary we emirleri Zeňňiniň neberesinden bolan Mosul hökümdary bilen üznüksiz gatnaşykda boldular. Olar öz aralarynda dostlukly gatnaşyklarda bolmak bilen ýüze çykýan käbir kyn meselelerde birek-birege kömek berýärdiler. Garaz, olaryň arasynda dost-lukly aragatnaşyk dowam etdi.
Biz bu bölümde 541-nji ýylda Zeňňiniň wepat bolanyndan, tä 569-njy ýylda Nureddin Mahmyt aradan çykýança, Mosul bilen Halabyň arasyndaky gatnaşyklara seredip geçeris.

I. Seýfeddin Gazy I döwründäki aragatnaşyklar (541-544-nji ýyllar)

A. Doganlar Gazy bilen Nureddiniň aralaryndaky ýaramaz gatnaşyklaryň aradan aýrylmagy
Seýfeddin Gazy bin Ymadeddin Zeňňi Mosulda we Mesopotamiýanyň şäherlerinde hökümdar diýlip ykrar edileninden soňra, Hyms, Rahba we Rakka ýaly Şamyň birnäçe şäherleri onuň tagt täsiri astynda Gazynyň tabynlygyna geçdi. Seýfeddin Gazy Halabyň hökümdary, ýagny dogany Nureddin bilen aralaryndaky işleri düzgünleşdirmäge köp üns berdi. Şeýle hem olar haçparazlardan goranmakda kakalarynyň syýasatyna görä biri-birlerine kömek bermegi maksat edindiler. Şonuň üçin Seýfeddin Gazy kakalary öleninden soňra miras sebäpli dogany bilen aralaryndaky ýüze çykan dartgynly ýagdaýlary düzgünleşdirmek üçin duşuşmagy zerur hasap etdi.
Taryhçylar Mosul hökümdarynyň duşu-şyga gelmegini talap edip, dogany Nureddiniň ýanyna ilçi iberendigini ýatlaýarlar. Ýöne Nureddin duşuşyga bar-makdan saklandy. «Ol doganyna özüniň haçparazlardan howatyrlanýandygyny aýdyp, ondan ötünç sorady". Ýöne taryhçylar Nureddiniň wehimini we bu duşuşyga gelmändigi baradaky sebäplerini delillen-dirmek üçin onuň dogany, ýagny Mosul hökümdarynyň eden işlerinden hiç birini ýatlamaýarlar. Ýöne iki doganyň arasyndaky gatnaşyklara, olaryň kakalarynyň 541-nji ýylda Jagbar galasynda mertlerçe öldüril-megininiň tankydy ýagdaýa sezewar bolmagynyň päsgel berendigi

gürrüňsizdir. Çünki kakasy Jagbar galasynda öldürilenden soň, Nured-diniň özbaşdak hereket etmek bilen, howlukmaç ýagdaýda Şama baryp, Halaby eýelemegi olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň dartgynlaşmagynyň esasy sebäbi bolandy-gyna biziň düşünmegimiz gerek. Taryhçy-laryň ýatlamagyna görä, haçanda kakasy öldürilen wagtynda Nureddin onuň ýanynda bolup kakasynyň elinden möhürli ýüzügini alypdyr we Halaba gidip, oňa hökümdarlyk edipdir. Şol wagt bolsa Halapda Seýfeddin Gazy hökümdarlyk edýärdi. Ol doganlaryň ulusy bolmak bilen öz işini Şährizurda dowam etdirdi. Soňra Gaza Halapdaky türkmenleriň has meşhur taýpasyna hüküm-darlyk etmegi dogany Nureddiniň tarapyn-dan ynanylan wagty, bu işi uly hormat bildi. Ymadeddin wepat bolanyndan soňra, Seýfeddin bilen Nureddiniň ýanyna ýene bir adamyň goşulmagy olaryň gatnaşyklaryny dartgynlaşdyrdy, ýagny muňa Seýfeddin Gazynyň bu işleriň bolýan ýerinden uzakda bolan wagtynda Alp Arslanyň bu amatly pursatdan peýdalanyp, onuň şäherlerini eýelemegi sebäp boldy. Gazy şäherlerdäki işleri doly ele alýançalar, Nureddiniň öz ýakynynda bolmagyny makul bildi. Soňra Şamyň hökümdarlygyna kimiň geçmelidigi soralanda, Atabegler döwletiniň täsirini üzňelikdäki Halapda ýaýratmak üçin Seýfed-din doganynyň tiz wagtda ol ýere gitme-lidigini makullady. Şunlukda, Nureddiniň kakasynyň Şamdaky mülküne eýe bolmagy, onuň ol ýerde Mosul Atabeg döwletine bagly bolmadyk hökümet gurmagyna getirdi. Onuň edýän işi bolsa Seýfeddinde Nureddin bilen aralaryndaky düşnüşmezlikleri düzgünleşdirmek üçin duşuşyga çagyrmak baradaky erjellik duýgusyny döretdi.

Juslin Seýfeddiniň tabynlygyndaky Roha şäherini 541-nji ýylyň ahyrlarynda musulmanlaryň elinden basyp alandan soňra we Nureddin Rohany onuň elinden yzyna gaýdyp alan wagtynda Seýfeddin onuň yşarat ediji dartgynly ýolundan ömürlik gitdi. Ol Nureddine garşy çykman, gahar-lanman ony özüne çekmek isledi.

Raha şäherini Juslin II eýeländigi baradaky habary Seýfeddin eşidip, şäheri halas etmäge erjellik bilen ýapyşdy. Ol esgerleri bilen Roha geleninde, Nureddin eýýäm Jusliniň elinden şäheri basyp alypdy.

Şeýle-de bolsa, Seýfeddin Nureddini öz tarapyna çekmek barada ilçi ibermek-ligini bes etmedi. «Ol her gezek Nureddiniň özüne ýakyndan ysnyşmagyny talap etdi». Bu uzaga çeken düşnüşmezlikde ahyry Seýfeddiniň işi ugruna boldy, ýagny olaryň hersi bäş ýüz atlysy bilen gije Haburda duşuşanlarynda, Seýfeddin dogany bilen özara ylalaşygy ýola goýdy. Şol wagt Seýfeddin öz niýetine doganynyň şübhelen-mezligi üçin ynandyryjy işleri alyp bardy. Seýfeddin duşuşyk bellenilen ýere öz harby leşgergähine diňe bäş atlysyny ýanyna alyp gitmek bilen ýagşy niýetiniň bardygyny ynandyrypdy. Emma Nureddin bu ýere bäş ýüz atlysyny alyp gelipdi.
Duşuşykda Nureddin öňki gezek bellenilen ýere gelmänligi üçin doganyndan ötünç sorady we oňa köp-köp minnetdar-lygyny bildirdi. «Ol Seýfeddini atdan düşürip garşy aldy we bile oturdylar. Şol wagt olar gözýaş edip biri-birini gujakladylar. Soňra Seýfeddin oňa şeýle diýip ýüzlendi: "Näme üçin sen meniň ýanyma gelmekden saklandyň ýa menden gorkduňmy? Alladan ant içýärin, bu ýagdaýyň saňa ýaramajakdygy kelläme gelmedi. Öz doganyma we adamlaryň içinde maňa has eziz bolan kişä ýamanlyk etjek bolsam men bu şäherleri kim üçin alaýyn, kim bilen ýaşaýyn, kimden goldaw tapaýyn?». Şondan soňra Nureddin ynjaldy, onuň gorkusy köşeşdi.
Nureddin Mosul hökümdary bilen ylalaşyk baglaşandan soňra taýýarlykda duran esgerleri bilen Halaba tarap ýola düşdi. Şondan soňra hem ol dogany Seýfeddin bilen duşuşan ýerine geldi. Ýöne ol Nureddine hökmany ýagdaýda öz şäherine dolanyp barmalydygy barada görkezme berip, şeýle diýdi: «Men seni öz ýanymda saklamak niýetim ýok, meniň esasy maksadym özara ylalaşygymyzy patyşalara we pereňlilere mälim etmekdir. Bize gyýa göz bilen garaýan adam hökman almytyny alar». Bu iki dogan öz işlerini bitirýänçäler duşuşyk ýerinden gaýtmadylar. Diňe şondan soňra olaryň her haýsy öz ýurduna gaýtdy.

B. Doganlaryň arasyndaky hyzmatdaş-lygyň ýüze çykmagy
Seýfeddin Halapdaky dogany bilen üzňelikde ýaşan wagtynda özüniň we kakasynyň duşmanlarynyň zeý suwundan balyk tutan ýaly, pursatdan peýdalanar öýdüp gorkdy.

Doganlaryň arasynda bolsa birek-birege duşmançylykly ýagdaýlar ýüze çykypdy. Şeýlelikde, goňşy şäherleriň emirleri, Damask hökümdary we haçparazlar Ymadeddin Zeňňiniň döwründe basylyp alnan şäherleri yzyna gaýtaryp almak üçin eden ýöriş-lerinden soňra, Seýfeddin duşmanlaryň öňünde ýokary derejede güýçli görünmek üçin kiçi dogany, ýagny Halabyň hökümdary bilen ylalaşyp, bir hatarda bolmak wagtynyň gelendigine doly göz ýetirdi. Seýfeddin bilen Nureddiniň haçparazlaryň garşysyna bilelikde hereket etmekleri öz miwesini berdi. Mosul leşgerleriniň Şam esgerleri bilen bilelikde ýörişe gatnaşyp, ilkinji amala aşyran oňat işleri 543-nji ýylda, ýagny haçparazlar Damask şäherini berk gabawa alan wagtynda Seýfeddin bilen Nureddiniň bilelikde şäher goranyşyna gatnaşmaklarydyr. Bu haçparazlaryň ikinji gezekki hüjümidi.

1. Damaskyň gabalmagy
543-nji ýylda haçparazlar ikinji gezek hüjüm etmek üçin Almaniýanyň patyşasy Konrat III, Fransiýanyň patyşasy Lýuis VII we emir Alfonso Jordan Konit De Tuluzyň ýolbaşçylygyndan ybarat bolan döwrebap ýaraglanan agyr goşun topladylar. Şeý-lelikde, haçlylar Damasky gabamak üçin Trablusyň hökümdary Raýmont II ýolbaş-çylyk etmeginde Tabariýe şäheriniň gola-ýynda jemlendiler we Banýasdan al-Guta jülgesine barýan ýol bilen gidip, 543-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynda Damask şäherine hüjüm etdiler. Olaryň agyr goşuny Damask galasynyň daşyndaky al-Muzza, ar-Rabu ýaly birnäçe şäheri hem obalary eýelemegi başardylar. Şol wagt Damaskyň hökümdary Mugyneddin Anur kömek bermegini sorap, Seýfeddin Gazynyň ýanyna çapar ýollady. «Ol Gazyny kömege çagyrmak bilen özleriniň agyr pereňli leşgerlerinden ejir çekýändik-lerini we olaryň şäheriň daşyny gaban-dyklaryny habar berdi».
Mosul hökümdary Anura kömek bermek üçin uly goşuna baş bolup, Ýewfrat derýasyndan geçip we Damaska tarap ýola düşdi. Mosul hökümdary Seýfeddine onuň dogany Nureddin hem gelip goşuldy. Soňra doganlar Hyms şäherine gelip düşlediler. Gazy öz güýçleri bilen Damaska tarap ýöriş etmezinden ozal Mugyneddin Anuryň ýanyna çapar iberip, söweş gutarýança we haçparazlar

şäherden gidýänçäler, Damasky orunbasarla-rynyň birine bermegini buýurdy. Soňra ony gaýtaryp berjekdigini aýdyp, şeýle diýdi: «Men ýurdumdaky ýarag götermäge ýagdaýy bolanlaryň ählisini öz ýanym bilen alyp gaýtdym. Eger seniň ýanyňa gelip, pereňliler bilen söweşen çagymda Damask orunbasarlarymyň elinde bolmasa, biz ýeňileris, ýurdumyzyň uzakdalygy üçin hiç birimiz gutulyp bilmeris. Şol halatda bolsa pereňliler Damasky we başga ýerleri eýelärler. Eger-de olar bilen söweşmegimizi we şäheriň ynamdar adamlaryň elinde bolmagyny isleseň, men saňa söz berýärin. Eger biz pereňlilerden üstün çyksak, men Damasky almaryn. Duşman gidýänçä bu ýerde saklanaryn we soňra ýurduma dolanaryn».
Haçanda olaryň Iýerusalim döwleti bilen gatnaşykda bolup, olar bilen goňşu-çylykdaky yslam güýçleriniň garşysyna gidýänligi belli bolanynda, Seýfeddin öz ornunda Mugyneddin Anura garanyňda dogry hereket edip, Damaskda öz abraýyny goramagy başardy. Ýagny Nureddin Zeňňiniň öňe gitmeginde Anuryň öz ornunda kömek bermegi başaran ýeke-täk maslahatçy bolmagy bilen pereňliler oňa syn etdiler. Mugy-neddin musulmanlaryň garşysyna gidýän pereňliler bilen ylalaşandan soňra, Mosul hökümdary ondan howatyrlandy. Seýfeddin Anuryň bu islegine howatyrlanyp, oňa päsgel bermek üçin Damasky eýelemekde erjellik baryny görkezdi. Mugyneddin Damask halkynyň özüni ýigrenýändigini bilen wagtynda ondan halas bolmagyň ýoluny gözledi. Mugyneddin Seýfeddini güýç ulan-maga mejbur etmezden öz şertlerini kabul etdirmek we agyr ýagdaýdan çykmak üçin iş alyp bardy. Ol hiç zady bilmeýän kişi bolup, pereňlilerde nämeleriň bolup geçýän-digini anyklamak üçin Seýfeddiniň ýanyna görme-görşe bardy. Mugyneddin Gazynyň üstüne haçparazlaryň howpy abanan pursatyndan peýdalandy, ýagny Mugyneddin olaryň Damaskdan gitmegi üçin mejbury ýagdaýda ýaragly goşun ulandy we olara şeýle diýdi: «Eý Gündogaryň hökümdary, siz şähere goldaw bermezden, eýýäm gitmäge taýýarlanýarsyňyz. Şol wagtyň özünde hem siz puşman edersiňiz». Şeýlelikde, Anury Şamdaky haçparazlar goşunlary bilen olaryň öňbaşçylarynyň arasyndaky dart-gynly ýagdaýlardan peýdalandy. Damaskyň hökümdary olaryň arasynda dawa döretmek

usulyndan peýdalanyp, Şam şäherlerindäki ýerli pereňlilere hat iberdi. Ol hatda şeýle diýilýär: «Siz nämä esaslanyp, biziň garşymyza gitmekde olara kömek edýärsiňiz. Olaryň Damaskyň hökümdarlarydygyny hem siz bilýärsiňiz. Olar bolsa kenarýaka şäherleriňizi siziň eliňizden aldy. Emma men şäheri Seýfeddiniň ygtyýaryna bere-nimde onuň goragynyň pese düşendigine göz ýetirdim. Damaskyň mülkünden size hiç zat galmaýandygyny bolsa bilýärsiňiz. Onuň öz hökümdarlyk edýän ýeri bolsa Şamda».

Anuryň haçparazlary öjükdirip, Seý-feddini Damaskdan çykarmaga eden tagalla-lary, olara hak tölemezden amala aşdy. Mugyneddin bu ylalaşygyň tölegi hökmünde diňe pereňlileriň Banýas diýen şäherinden çykyp gitmeli boldy.

Haçanda söweşiň esasy bölegini haçpa-razlaryň özleri alyp baranlarynda, Damaska yzygiderli goldaw berip durdular. Şeýle-likde, Mosulyň we Halabyň serkerdeleri haçparazlaryň synpyndan howatyrlanýandy-gyny boýun aldylar we mejbury ýagdaýda Damaskdan çykyp gitmeli boldular.

2. Arym galasyny eýelemäge Mosul harby güýçleriniň gatnaşmagy

Pereňliler Damaskdan gidenlerinden soňra Mugyneddin Anur Baalabekke şäherine bardy we soňra Nureddin Zeňňiniň ýanyna çapar ýollady. Nureddin bolsa şol wagt dogany Seýfeddin bilen duşuşmak üçin Hymsa gidipdi. Mugyneddin ondan Baalabekkä gelmegini soran wagtynda, Nureddin onuň bilen şol ýerde duşuşjakdygyny aýtdy. Nureddin bilen Mugyneddiniň Baalabekkede duşuşan wagtlarynda, Trablusyň hökümdary Raýmont II hat gelmegi ol ikisini Arym galasyny pereňlileriň elinden almaklyga öjükdirdi. Nureddin pursatdan peýdalanmaga sähelçe-de şübhelenmeýärdi. Şunlukda, ol Mugyneddin bilen bilelikde Arym galasyna ýöriş etmäge howlukdy we iki dogan kömek sorap, Hymsdaky Seýfeddine çapar iberdiler. Seýfeddin bolsa ol ikisini Yzzeddin Abubekir Dubeýsiň ýolbaşçylygyndaky goşun topary bilen üpjün etdi. Şunlukda, musulmanlar galany doly gabawa aldylar. Nakkaplar (haýaty döwüjiler) bolsa diwara tarap hüjüm edip söweşdiler. Pereňliler mejbury ýagdaýda boýun egdiler. Musulmanlar galadaky ähli adamlary ýesir aldylar.

Soňra Nureddin ýesirleri alyp, Halaba gaýdyp geldi. Emma Mosul esgerleri Hyms şäherine Seýfeddiniň ýanyna bardylar, ol ýerden bolsa Mosul tarapyna ýola düşdüler.

3. Mosul goşunynyň Halap goşunyna birigip, Anip şäherinde pereňlileri derbi-dagyn etmekleri we Famiýe şäherini eýelemekleri

544-nji ýylyň başlarynda Antakiýanyň hökümdary Raýmont Halabyň welaýatlaryna çozmak üçin goşun toplady. Nureddin Mahmyt bolsa Damaskyň hökümdary Mugy-neddin Anurdan kömek sorap, çapar ýollady. Şondan soňra Anur 544-nji ýylyň sapar aýynyň başlarynda Damask leşgerlerinden emir Mujahideddin Bozan bin Maminiň ýolbaşçylygyndaky goşuny Halaba kömek üçin iberdi. Nureddiniň töweregind dürli ýerlerden gelen ummasyz goşun ýygnandy.

Seýfeddin dogany Nureddiniň çagy-ryşy boýunça öz esgerlerini Şama ugratmak bilen bu waka hut özi gatnaşdy. Anipde Nureddiniň güýçleri bilen pereňlileriň arasynda uly söweş bolup, onda pereňliler uly ýeňlişe sezewar boldular. Olardan birazyndan başgasy gaçyp hem ýetişmediler. Öldürilen pereňlileriň içinde Antakiýanyň ýolbaşçylaryndan biri bolan Albernes hem bardy. Onuň kellesini Nureddiniň ýanyna getirdiler. Bu waka 544-nji ýylyň sapar aýynda bolup geçdi.

Soňra Nureddin goşunyny alyp, Antakiýanyň derwezesiniň öňünde düşledi. Ilçiler onuň bilen pereňlileriň arasynda gatnaşyk açdylar. Soňra Nureddiniň goşunynyň bir bölegi Famiýe galasyna ugradylar. Emma Salaheddin Ýagsiýani galasyny goramak üçin biraz goşuny bilen güýçli taýýarlyk görüp başlapdy. Antakiýa hökümdarynyň başyndan geçiren wakalary Famiýe galasynyň ýaşaýjylaryna baryp ýeteninde, olar ylalaşyk talap etmek bilen 544-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň birinji aýynda Nureddiniň tabynlygyna geçdiler. Şeýlelikde, Mosul leşgerleri haçparazlaryň garşysyna söweşe gatnaşmak bilen watany goramakdaky mukaddes borçlaryny ýerine ýetirip, yzlaryna dolanyp bardylar.

4. Seýfeddin Gazynyň aradan çykmagy we Mosulda Kutbeddin

Möwdudyň hökümdarlygy
Seýfeddin Gazynyň hökümdarlygy uzak dowam etmedi. Ol 544-nji ýylyň dört tirkeşikleriniň dördünji aýynda Mosulda aradan çykdy. Onuň Mosula hökümdarlyk eden möhleti 3 ýyl 1 aý 22 gündir. Ony Mosulda bina edilen medresede jaýladylar.
Seýfeddin Gazy wepat bolan wagtynda onuň dogany Kutbeddin Möwdut hem Mosulda ýaşaýar eken. Soňra Jemaleddin Yspyhany we goşun emiri Zeýneddin Aly Güjük doganyndan soňra Mosul hökümdarlygyna bellenilen Kutbeddin bilen ylalaşdylar. Ol ikisi bilen bir hatarda Mosul emiridir esgerleri Kutbeddine wepadar bolmak barada kasam etdiler. Şeýle hem Mosul Ata-begliginiň tabynlygyna degişli şäherler-däki dogany Seýfeddin Gazynyň ygtyýa-rynda bolan ähli mülkleri Kutbeddiniň tabynlygyna berdiler.

II. Kutbeddin Möwdut bin Ymadeddin Zeňňiniň döwründäki gatnaşyklar (544-565-nji ýyllar)

Kutbeddiniň hökümdarlyk edip başla-magy netijesinde Halap bilen örän ähmiýetli aragatnaşyklar ýüze çykyp başlady. Hatda Nureddin bilen öz arasynda söweş ody tutaşmagyna ýakyn bolan wagtynda, Kutbeddin hökümdarlygy düzgün-leşdirmegiň hatyrasyna onuň bilen gatnaşygyna serhet goýdy.
Bu möhüm işleriň ýüze çykmagyna bolsa Mosulyň we onuň welaýatlarynyň birnäçe emirleriniň, şeýle hem öňbaşçylardan Şemseddin Muhammediň kakasy Abdylmälik bilen Sanjar hökümdarynyň Seýfeddin wepat bolanyndan soňra, Kutbeddinden ýaşynyň uly bolanlygy sebäpli, şäherleri Nureddiniň ygtyýaryna bermek üçin oňa çapar ibermekleri sebäp boldy. Ibn Esir bu emirleriň Nureddini kömege çagyrmagynyň başga bir sebäbiniň bardygyny hem aýdyp geçýär, ýagny olar wezir Jemaleddiniň we goşun emiri Zeýneddin Aly Küçügiň Mosulda ýokary derejedäki orunlardan peýdalanmaklaryna göriplik edýär ekenler.

A. Nureddiniň Sanjar şäherini eýeländen soň gatnaşyklaryň dartgynlaşmagy
Mosul Atabegligini ilkinji bolup biragza birikdiren, şeýle hem haçparaz-laryň howpunyň öňünde yslam goşunlaryny bir ýere

jemlemegi başaran Gazynyň ölü-minden soňra, onuň dogany Nureddiniň ýokary derejä galyp başlandygyna garamaz-dan, bu emirleriň teklibini inkär etmedi. Şonuň üçin Sanjar hökümdarynyň eden talabyny Nureddiniň kanagatlandyrmagy geň görülmedi. Çünki ol amatly pursatdan peýdalanyp, Esededdin Şirkuh, Mejdeddin Abubekir bin Daýe ýaly döwletiň ýokary wezipeli emeldarlaryndan we emirlerinden ybarat bolan ýetmiş sany atlysy bilen Sanjar şäherine gitmäge sähelçe-de ikirjiňlenmedi.

Öňbaşçynyň Nureddin bilen hat aly-şýandygy baradaky habarlar Mosul ýolbaş-çylaryna baryp ýetipdi. Olar öňbaşçyny öz ýanlaryna çagyryp hat ýolladylar. Şol wagt öňbaşçy Nureddiniň gelmegine garaşyp, Mosula gitmekligi gijikdirdi. Soňra ol Mosula gitmekden ýüz öwürdi. Ýöne Nureddin wagty bilen gelmedi. Öňbaşçy Nureddiniň Sanjara gelenligi barada habar bermegi öz ogluna tabşyryp, şäheri onuň ygtyýaryna goýup gitdi. Nureddin Sanjaryň golaýyna gelip düşlän wagtynda, öňbaşçynyň ogly oňa habar bermek üçin çapar iberdi. Şemseddiniň iberen çapary Teligfara baryp, onuň kakasyna Nureddiniň gelenligi baradaky habary berdi. Şondan soňra öňbaşçy Sanjara gelip, Nureddin bilen ylalaşyklarynyň netijesinde şäheri onuň ygtyýaryna berdi.

Nureddin Sanjarda ykrar edileninden soňra dogany Kutbeddin bilen ýüzbe-ýüz duşuşyga taýýarlyk gördi. Kifa galasynyň hökümdary Fahreddin Gara Arslana çapar iberip, esgerleri bilen kömege gelmekligi talap etdi we al-Hism galasyny onuň ygtyýaryna bermegi wada etdi. Nureddin bilen galanyň hökümdary öz aralarynda gowy gatnaşyk saklaýardylar. Şonuň üçin Gara Arslan esgerleri bilen Sanjara gelmek barada sähelçe-de ikirjiňlenmedi.

Nureddin Sanjara gireninden soňra, rehimsizlik bilen edilýän işlere Mosulyň halkynyň arasynda uly nägilelik döredi. Kutbeddin bu işlere Nureddiniň öz tabynlygyndaky şäherlere kürsäp girme-ginden öň seredip başlapdy. Sanjar Mosul Atabegligine tabyn bolandygy üçin, Halap hökümdarynyň ony öz emlägine goşmagy hakykata laýyk gelmeýär. Şonuň üçin Kutbeddin güýçli taýýarlyk görüp, öz esger-leri bilen bir hatarda wezir

Jemaleddin Yspyhanyny we goşunyň emiri Zeýneddin Alyny ýanyna alyp, Sanjara tarap ýola düşdi we Teligfarda düşledi.
Şondan soňra Jemaleddin bilen Zeýneddin Nureddiniň Sanjary eýeläp, ony dogany Kutbeddiniň elinden güýç bilen almagyny inkär edip, şeýle hem onuň üstüne ýöriş etjekdikleri barada haýbat atyp hat iberdiler. Şeýle-de bolsa, Nureddin şäherden çykmady we olaryň haýbatyna üns bermän, şeýle mazmunly haty iberdi: «Men olaryň iň ulusy we men doganymyň buýruklaryny ýerine ýetirmäge sizden has ýakyndyryn. Men siz ikiňiziň döwlet işlerini dolandyryşyňyzyň agyr ýagdaý-dadygy hakyndaky emirleriň ýazan hatla-ryny yzarlap geldim. Şeýle hem siz gahar-gazap bilen hüjüm edip, hökümdarlygy elimizden alarsyňyz öýdüp gorkdym. Emma siz söweşmeklik üçin biderek ýere haýbat atýarsyňyz. Men siziňkiden özge hiç bir goşun bilen söweşmerin».
Nureddiniň soňky düşündirişinde «Siziňkiden özge hiç bir goşun bilen söweşmerin» diýen sözleri, Kutbeddiniň goşunyna bagly bolmadyk Mosul esgerleri-niň ünsüni özüne çekdi. Şeýlelikde, olar Sanjardaky Nureddiniň güýçleri bilen birikdiler. Mosuldaky emirler bolsa lapykeç halda şol bölünen goşundan gorkdular. Şeýle hem olar jylawyň elden gidendigini bilip, alaçsyz ýagdaýda ylala-şyk baglaşdylar. Atabegler döwletini gurşap alan ýagdaýlara, şeýle-de seljuk-laryň we haçparazlaryň welaýatda uly bir güýje öwrülip, şäherlere tamakinçilikli hereket etmeginiň Kutbeddin bilen onuň dogany Nureddiniň arasyndaky düşnüşmez-ligiň ýüze çykmagyna sebäp bolandygyna esaslanyp Jemaleddin perman beripdi. Şu ýagdaýlardan soňra Jemaleddin hem ylalaş-mak kararyna gelipdi, onuň sözleri bilen ýazylan şertnamada bolsa şeýle diýilýär: «Biz soltana we halypa özümiziň Nureddine tabyndygymyzy aýan ederis. Nureddin bolsa pereňlilere biziň hökümimize görädigini aýan eder we biziň bilen olary derbi-dagyn eder. Eger muny anyklasak we onuň bilen söweşsek şeýledir, ýagny eger olar bizi ýeňse, soltan bizden tama eder, eger biz olary ýeňsek ol pereňlilerden tama eder».
Jemaleddin Atabegler döwletini gurşap alan ugurlar boýunça onuň syýasy ýagdaý-laryny we harby işlerini ymykly çözmekligiň

pikirini etdi. Mesopotamiýa-nyň Mosula täsirini ýetirmekde oňa has ýakyn bolmagy sebäpli Jemaleddin Sanjary hem Mosula ýakyn hasaplap, Nureddiniň ol ýerden gitmegi üçin Hymsy, Rahbany we Rakkany onuň ygtyýaryna bermek barada, Kutbeddine bolsa bu şäherlerden yza çekilmek barada görkezme berdi. Kutbeddin Jemaleddiniň Sanjara gidip, Nureddin bilen ähli işler boýunça ylalaşmak baradaky teklibini kabul etdi. Şondan soňra wezir Sanjara gidip, Nureddiniň Sanjary öz dogany Kutbeddiniň ygtyýaryna bermegini we Hyms, Rahba, Rakka şäherlerini bolsa Nureddiniň tabynlygyna geçirmegi baradaky ylalaşygy amala aşyrdy. Soňra Nureddin Sanjardaky ähli baýlyklary we hazynalary alyp, Şama gitdi.

Nureddiniň erjelligi bilen howlukmaç ýagdaýda Sanjary eýelemeginiň aňyrsynda ýatan sebäplere dogry düşünmegimiz üçin, biziň bu hadysanyň üstünde ymykly durup geçmegimiz zerurdyr. Nureddiniň bu basybalyşynyň aňyrsynda başga bir sebäbiň ýatandygyna biz ynanýarys. Ymadeddin Zeňňiniň toplan ähli baýlyklary we hazynalary Sanjaryň galasynda ýerleşýärdi. Öňbaşçy Abdylmälik bolsa bu syry Nureddine aýan etmek bilen oňa Atabegligiň ähli hazynalarynyň Sanjarda ýerleşýändigini habar beripdi. Nureddin Şam şäherlerinden haçparazlary kowup çykarmak üçin juda köp esgere mätäç bolandygy üçin bu baýlyklary eýelemegiň aladasynda boldy. Sanjaryň hökümdary Ibn Mukaddymyň şäheri Nureddiniň ygtyýaryna bermek üçin onuň gelmegini talap eden pursatynda, Nureddin tiz wagtyň içinde Sanjara girdi. Onuň dogany Kutbeddin bilen aralarynda ylalaşyk baglaşylanda bolsa, Nureddin Sanjardaky ähli baýlyklary we hazynalary alyp gitdi. Nureddiniň ol ýerden alyp giden oljalarynyň mukdaryny bolsa Ibn Esir şeýle ýatlap geçýär: «Ol Halaba dolanyp baranynda, öz ýany bilen Sanjaryň hazynasyndan ýüklenen 600 sany düe, ondan başga-da köp gatyr alyp bardy we olary patyşalaryň, emirleriň çagalaryna paýlap berdi. Şeýle hem Nureddin altyn ýüklenen 96 gatyr alyp bardy».

Nureddiniň Sanjary eýelemeginiň möhüm sebäpleriniň bolmagy bilen, ol waka doganlaryň biri-birine zerurlyklarynyň döremegi bilen tamamlandy. Şeýlelikde, olar ylalaşyga gelip, bir pikire gulluk etdiler we Nureddin bilen Kutbeddiniň garşydaşlary

bolan Şam haçparazlaryna garşy ýörişlere gatnaşmak bilen birek-birege kömek berdiler.

B. Mosul bilen Halabyň arasyndaky gatnaşyklaryň gowulanmagy

Haçanda Nureddin özünde gowşaklyk we ýarawsyzlyk duýanynda, şäherlerine hökümdarlyk etmek üçin 554-nji ýylda Kutbeddini ýanyna çagyrdy. Doganlar öz tabynlygyndaky birnäçe şäherleri çalyşmak bilen öz aralarynda doly ylalaşyga gelipdiler.

554-nji ýylda Nureddiniň agyr kesele duçar bolmagy bilen oňa ölüm howpy abananynda, halaplylaryň arasynda aljyraňňylyk peýda boldy. Nureddin emirlerini, döwletiniň ýokary wezipeli adamlaryny we hutbaçylaryny öz ýanyna çagyrdy we olara şeýle diýdi: «Men öz ýüregimdäki zatlarymy size wesýet etmek kararyna geldim. Siz hem ony üns berip diňläň. Emiranyň emiri bolan doganym Nasreddiniň iş dolandyryşyndaky ýaramaz gylyk-häsiýetlerini men bilýärin. Menden soň hökümdarlyk onuň eline geçse, musulmanlara zulum edilmeginden howatyrlanýaryn. Şonuň üçin men hökümdarlygy Mosulyň hökümdary bolan doganym Kutbeddin Möwdudyň ygtyýaryna bermekligi ýüregime düwdüm. Haçanda ol geleninde menden soňra wezipämde akylly-başly, ynamly ýolbaşçylyk etmegi bilen ýetmezçilikleriň üstüni ýapar. Siz hem menden soňra onuň emrine tabyn bolarsyňyz we buýruklaryna gulak asarsyňyz. Şeýle-de Kutbeddine wepaly bolmak barada kasam ediň».

Nureddin bu ýagdaýy mälim etmek üçin dogany Kutbeddiniň ýanyna ynamdar adamlaryny ibermäge howlukdy. Emirler bolsa soňky döwürde Nureddiniň ýagdaýynyň erbetleşendigi sebäpli, onuň hökümdarlygy bilen ylalaşyp, Kutbeddini öz esgerleri bilen Şama gelmekligini talap etdiler. Kutbeddin taýýarlyk görenden soňra, agyr goşuna baş bolup, Mosuldan çykdy. Şol wagt oňa dogany Nureddiniň saglygynyň gowulanyp, keselinden saplanandygy baradaky habar gelip gowuşdy. Şondan soňra ol kanagatlanyp, Nureddiniň ýanyna ýagdaýlar bilen tanyşmak üçin weziri Jemaleddin Yspyhanyny Damaska iberdi. Wezir 544-nji ýylyň sapar aýynyň 7-sinde Damaska baryp, Nureddin bilen duşuşdy we oňa Kutbeddiniň kömek bermek mümkinçiliginiň bardygyny aýtdy. Nureddin munuň üçin wezire hoşallyk bildirdi

we Kutbeddiniň duýgularyna minnetdarlyk hökmünde, köp mukdarda sowgat-serpaýlary iberdi. Şeýle-de Mosul hökümdaryna öz minnetdarlygyny gowşurmak üçin onuň bilen emir Esededdin Şirkuhi ugratdy.
Şondan soňra Nureddin syrkaw ýatan wagtynda Emiranyň emiri bolan dogany Nasreddiniň Halaby eýelemäge synanyşandygy üçin Harrany basyp aldy. Soňra Harrany Mosuldaky dogany Kutbeddiniň orunbasary Zeýneddin Alynyň ygtyýaryna berdi we şol ýeriň döwlet işlerini dolandyrmagy teklip etdi.

W. 559-njy ýylda Harym şäherini eýelemäge Mosulyň goşunynyň gatnaşmagy

Şamdaky pereňlileriň umurylara kömek beren pursatyndan peýdalanyp, olar Müsüriň döwlet işlerine we onuň ýolbaşçysy Esededdin Şirkuhiň söweşine goşulmazlyklary üçin Nureddin 559-njy ýylda olaryň üstüne hüjüm etmegi ýüregine düwdi. Soňra Nureddin Halapda saklanmak we söweşe gatnaşmak üçin daş-töwerekdäki etraplaryň goşunlaryny kömege çagyryp, çaparlary ýollady. Şondan soňra Kutbeddin Möwdut Mosul esgerleri bilen kömege ýetip geldi. Şonuň bilen bir hatarda bu ýörişe Kifa galasynyň hökümdary Fahreddin Gara Arslan we Mardiniň hökümdary Nejmeddin dagy hem gatnaşdy.
Pereňliler Nureddin we onuň ýaranlary bilen ýüzbe-ýüz söweşde öňürtilemek üçin, umurylaryň ýok wagtynda bir ýere jemlenişipdiler. Antakyýanyň hökümdary Bohemont III, Trablusyň hökümdary Raýmont III, Wizantiýanyň Kalkiýa şäheriniň hökümdary Kostantin Kolaman we Ermenileriň hökümdary Tors II dagy olar bilen şäheri goramaklyga gatnaşdylar. Soňra olaryň ählisi jemlenişip, Harima bardylar. Nureddin bolsa onuň daşyny gabady we manjanyk gurdy. Soňra Nureddin gabawy taşlap gitdi we Irtah galasyna tarap ugrady, haçparazlaryň şäherlerden daşlaşmagyny gazandy. Soňra haçparazlar Amma obasyna baryp düşlediler. Ýöne olara Haryma dolanyp barmagyň geregi hem bolmady. Nureddin ol haçparazlary yzarlady we 559-njy ýylyň remezan aýynda ol ýerde uly söweş boldy. Bu söweş haçparazlaryň ýeňilmegi bilen tamamlanyp, olaryň atly esgerlerinden müňlerçesi öldürildi. Nureddin olaryň

serkerdelerinden, esgerlerinden köp sanlysyny ýesir alyp, Halaba getirdi. Geliň, olardan birnäçesini ýatlap geçeliň: Antakiýanyň hökümdary Bohemont III, Dekurtaneli Juslin III, Luzjenanly Heýw II we Rumyň ýolbaşçysy bolan Baldak ady bilen tanalýan Wizantiýanyň Kalkiýa şäheriniň hökümdary. Kahan bilen Ronsmanyň ýatlamagyna görä, bu söweşde ermenileriň hökümdary Toros we onuň dogany Melhden başga hiç biri gaçyp ýetişmedi.
Bu söweşde Mosul esgerleri haçparazlaryň güýçlerini ýeňmek bilen uly iş bitirdiler. Esasan hem Zeýneddiniň haçparazlary öldürmekde we ýesir almakda Mosul esgerlerine duýgudaşlyk bildirmegi möhüm waka boldy.
Nureddin weýran ediji bu ýeňşinden soňra 559-njy ýylyň remezan aýynyň 21-ine Harima ýöriş etdi we ony basyp aldy. Soňra ol goşunlaryny Antakiýanyň welaýatlaryna ugratdy. Olar Antakyýany derbi-dagyn edip, ol ýeriň halkynyň köp bölegini ýesir aldylar. Şondan soňra Nureddin Mosulyň we Diýarbekiriň esgerlerine şäherlerine dolanyp barmaklaryna rugsat berdi. Emma onuň özi bolsa ýanyndaky goşunlary bilen Banýasa ýöriş etdi we ony 559-njy ýylyň aýaklarynda basyp aldy.

G. Kutbeddiniň dogany Nureddin bilen haçparazlaryň Trablus şäherlerine ýöriş etmegi

Nureddin Mahmyt öz dogany, ýagny Mosul hökümdary Kutbeddin Möwdut bilen Trablusyň Konto şäherine çozmak barada 562-nji ýylda ylalaşyk baglaşdylar. Nureddin olaryň hökümdary Raýmont III ýesir düşeninden soňra, Trablus hökümdar-lyklarynyň ýagdaýlarynyň erbetleşen pursatyndan peýdalandy. Soňra ol doganyna esgerleri bilen gelmekligi talap edip, çapar ýollady. Kutbeddin bolsa taýýarlyk görüp, Zeýneddin Aly bilen ýola düşdi we Ýewfrat derýasyndan geçip, Hymsda dogany Nureddin bilen duşuşdy. Soňra ikisi hem kürtleriň galalarynyň gurşap alýan ýerlerini özlerine tabyn etdiler. Şondan soňra olar öz goşunlary bilen Trablusyň demirgazyk-gündogar tarapyndaky Akka şäherine baryp düşlediler we Jebel galasyny gabawa alyp, ony derbi-dagyn etdiler. Soňra doganlar Arymy we Safyny eýelediler. Şu wakalardan soňra Kutbeddin dogany bilen remezan aýynda Hymsa dolanyp geldiler we şol ýerde oraza tutdular.

Kutbeddin bilen Nureddin remezan aýyny şol ýerde geçirenlerinden soňra, Banýasa bardylar we Huneýn galasyna hüjüm edip, onuň berkitmesini ýumurdylar. Şondan soňra Nureddin Beýruta girmek isledi, ýöne goşunyň bölünmeginden ynjalyksyzlanyp, bu niýetinden el çekdi. Kutbeddin bolsa Nureddiniň Ýewfrat derýasynyň beýleki kenaryndaky Rakka şäherini öz ygtyýaryna berenden soňra, yzyna dolanypdy. Şeýle hem Kutbeddin ol şäheri ýolugruna öz tabynlygyna geçirdi.

D. Kutbeddin Möwdudyň aradan çykmagy we hökümetiň Seýfeddin Gazy II eline geçmegi

Kutbeddin Möwdudyň 565-nji ýylda aradan çykdy.Onuň ýolbaşçylygynda Şam şäherlerindäki güýçli haçparazlaryň garşysyna Mosulyň we Mesopotamiýanyň goşunlarynyň gatnaşmagyndaky söweşler taryha altyn harplar bilen ýazyldy. Ibn Esiriň ýatlamagyna görä: «Kutbeddin adyl patyşa bolan, ýagny dogany Nureddin bilen ylalaşygyny berkidip, oňa esgerleri we harajatlary bilen tüýs ýürekden kömek berdi. Kutbeddin Harym we Banýas şäherlerini eýelemekde onuň bilen egin-egne berip gatnaşdy. Kutbeddiniň şäherlerinde halk ondan gorkmazdan öz ygtyýarlary bilen oňa nesihat edýärdiler».

Kutbeddin özünden soň hökümdarlygy uly ogly Ymadeddin Zeňňi II dolandyr-magyna wesýet etdi. Ýöne Kutbeddiniň orunbasary Fahreddin Abdylmesih Kutbed-diniň aýaly, Husameddin Demirdaşyň gyzy Hatun bilen hökümdarlygy Ymadeddiniň deregine, onuň ogly Seýfeddin II ygtyýaryna bermeklige ylalaşdylar.

Fahreddiniň Ymadeddini dolandyryş-dan daşlaşdyrmagynyň sebäbi, onuň agasy Nureddin Mahmydyň ýanynda uzak saklan-magy we onuň bir gyzyna öýlenmeginden gorkýanlygydy. Nureddin Fahreddini zulum-sütemi üçin ýigrenýärdi we işleri dolandyrmagy oňa ynanandygy üçin dogany Kutbeddine käýinýärdi. Onuň öz işlerini alyp gitmeginden howatyr eden Fahreddin Zeňňini häkimetden çetleşdirdi we ony wezipesinden boşatdy.

Seýfeddin Gazy II hökümdarlyk wezipesinde ykrar edilmegi bilen Fahreddin Abdylmesih şäherler işlerini dolandyrdy. Seýfeddiniň şol wagt juda ýaşdygy üçin onuň hökümdarlykda diňe ady ýöredi diýäýmeseň, başga hiç bir iş etmedi.

## III. 569-njy ýylda Nureddin aradan çykýança, Seýfeddin Gazy II döwründäki aragatnaşyklar

### A. Nureddiniň Mosuldaky abraýy

Kutbeddin wepat bolandan soňra, Mosul Atabegliginde hökümet başyna onuň ogly Seýfeddin Gazy II geçip, onuň uly dogany Ymadeddin Zeňňi II wezipeden daşlaşdy-ryldy. Nureddiniň Mesopotamiýada birnäçe mülk ýerleriniň bardygy sebäpli ol ýerdäki çäklendirmelerini ýatlamazdan, onuň Mosul Atabegliginiň tabynlygynda bolup, täsir eden howply syýasatynyň netijelerinde Fahreddin Abdylmesih ondan aýrylyp, özbaşdak hereket etdi.

Kutbeddiniň wepat bolandan soňra, onuň ogly Ymadeddin Zeňňi II agasy Nureddiniň ýanyna baryp, dogany Seýfeddin Gazy II-den özüniň döwlet işlerini oňat dolandyr-ýandygy sebäpli hökümdarlygyň gaýtaryp berilmegi barada ondan kömek sorady. Dogany Kutbeddiniň wepat bolup, onuň ýerinde bolsa Fahreddin Abdylmesihiň hökümdarlyk edýänligi baradaky habar Nureddine ýetipdi. Nureddin şol sebäpli ony ýigrenýärdi. Bu ýagdaý oňa ýakymsyz bolup göründi we agyr degdi: «Doganymyň oglunyň işlerini we patyşalygyny dolandyrmaga men has hukuklydyryn» diýdi.

Nureddin amatly pursatdan peýdalanyp, Mosula ýöriş etmek barada sähelçe-de şübhelenmedi. Ol 566-njy ýylyň Aşyr aýynda az sanly goşun bilen howlukmaç ýagdaýda Ýewfrat derýasyndan geçip, Jagbar galasyna bardy. Soňra ol dogany Seýfeddiniň emlägine degişli Rakka şäherine ýöriş etdi. Şol wagt Seýfeddin şäher hökümdarlygyna öz orunbasaryny belläpdi. Ýöne ol Rakkada uzak wagt hökümdarlyk etmän, şäheri Nureddiniň ygtyýýaryna bermeli boldy. Soňra Nureddin Mosula tarap ýörişini dowam etdirdi we Habur şäheri we Nusaýbyny basyp aldy. Nureddin serhetýaka şäherleri pereň-lilerden gorap saklamak üçin köp sanly esgerlerini Şamda goýup gaýdan hem bolsa, basyp alan bu ýerlerinden hem örän köp sanly goşun ýygnamagy başardy. Etrap-laryň emirleri hem oňa gelip goşuldylar, şonuň bilen bir hatarda Kifa galasynyň we Diýarbekiriň hökümdary Nureddin Muhammet bin Gara Arslan Artykly hem Nureddiniň tarapyna

geçdi. Nureddin öz töweregine toplan esgerleri bilen Sanjar şäherine ýöriş edip, ony gabawa aldy we manjanyk gurdy. Şol wagt Sanjar galasynyň içinde Mosul esgerlerinden hem bir bölegi bardy. Nureddiniň ýanyna Mosul emirleriniň ilçileri gelip, haýbat atmak bilen Sanjary terk edip, gitmek barada görkezme berdiler. Ýöne Nureddin erjellik görkezip, tä şäher doganynyň ogly Ymadeddin Zeňňiniň ygtyýaryna berilýänçä gabawy aýyrmady.

Nureddin Sanjary gabawa alan wagtynda, halypa Mustazi Biýemrilladan halat-serpaý gelip gowuşdy. Halypa oňa Mesopotamiýa we Mosula ýöriş etmekligi tabşyrýar. Nured-din bolsa Mosulyň şäherlerine ýöriş etmek maksadyny kanuny taýdan berkidip, halypa aýdyň etmek üçin Bagdada ilçi ugradyp, oňa şeýle diýdi: «Men özümiň we kakamyň ýerine geldim. Men onuň uly ogly hem mirasdüşeridirin». Onuň iberen ilçisi öň Ymadeddiniň kätibi bolup işläpdi. Ol halypa bu teklibi aýdyp, şeýle diýdi: «Sen bu işde oňa rugsat ber. Haçanda ol ony ýerine ýetireninde, nusga alarlyk iş eder». Ymat bu möhüm işi ýerine ýetirip, halat-serpaý bilen dolanyp geldi. Nureddin bolsa Sanjary gabamagyny dowam etdirdi. Nureddin Sanjardaky işini berjaý edeninden soňra, şu ýörişde esasy maksadyny amala aşyrmak üçin esgerleri bilen Mosula ugrady. Soňra ol Belet şäherine baryp, gündogar tarapyndaky Tigr derýasynyň ýalpak ýerinden geçdi we Mosulyň gündogaryndaky Ninewia galasyna baryp ýetýänçä ýörişini dowam etdirdi. Ol gala bilen Mosulyň arasyny diňe Tigr derýasy kesip geçýärdi. Soňra Seýfeddine şu mazmunly hat iberdi: «Meniň islegim seniň şäherleriňi eýelemek däl. Men seniň şäheriňi goramagy ýüregime düwüp geldim. Seniň hökümdarlygyňda bolsa Abdylmesihiň musulmanlar bilen eden işleri barada müňlerçe kyssalar ýazyldy. Meniň maksadym şol hristianyň musulmanlara hökümdar-lygynyň soňuna çykmakdyr».

Fahreddin Nureddini Mosuldan çykar-mak barada kömek bermegini talap edip, Seýfeddin Gazynyň dogany Yzzeddin Mesgudy Jebel we Azerbaýjan şäherleriniň hökümdary Atabeg Şemseddin Ildeňiziň ýanyna iberdi. Ildeňiz Nureddiniň Mosula girmegine garşy çykyp, ilçi iberen wagtynda, Nureddin Sanjarda düşläpdi. Ýöne Nureddin hata üns bermedi we oňa jogap gaýtarjak hem bolmady.

Şeýlelikde, ol Mosula ýörişini dowam etdirdi we ilçä şeýle diýdi: «Sen hökümdaryňa aýt, men doganymyň ogly bilen senden oňat düşünişerin. Sen bolsaň näme üçin biziň aramyza sokulýarsyň? Ol ýerdäki işleri düzedenimden soňra seniň bilen Hamzan derwezesiniň agzynda gürleşeris. Sen musulman döwletleriň ýarysyna hökümdarlyk etseň hem serhetýaka şäherleri karaçylar basyp alýança üns bermediň. Meniň bolsa ýeke özüm pereňlileriň halkyna sütem görkezip, olaryň şäherlerini basyp aldym we köp sanly hökümdarlaryny ýesir aldym. Men seni bu ýagdaýda goýup gidip bilmerin. Seniň ünsden düşüren musulman şäherleriňi goramak we musulmanlaryň arasyndaky adalatsyzlygy ýok etmek bize wajyp bolup durýar».
Şol wagt Mosul emirleri Fahreddiniň üstüni basyp, şäheri Nureddiniň ygtyýaryna bermäge taýýar bolup durdylar. Fahreddin emirleriň ýüreklerine düwen bu niýetlerini bilende, özüniň ruhdan düşüp, ýagdaýynyň çylşyrymlaşýandygyna göz ýetirdi. Soňra ol Nureddine ylalaşygy ündäp, Mosulyň Seýfeddin Gazynyň elinde galmagyny, şeýle hem özüne we halkyna parahatlyk dilemek bilen bir hatarda, mülk ýeriniň hem yzyna gaýtarylyp berilmegini sorap hat ýazdy. Nureddin oňa asuda halda jogap berdi. Ýöne Fahreddiniň Mosulda galmagyna düýbünden garşy çykyp, şeýle diýdi: «Seniň Mosulda ýaşamagyňa hiç hili mümkinçilik ýok, ýöne Şamda meniň hökümdarlygymda ýaşap bilersiň. Çünki men şäherleri öz neberelerimiň elinden almak üçin gelmedim. Men adamlary seniň eliňden halas etmäge we neberelerimi terbiýelemegi özüme borç edinip geldim".
Nureddin 566-njy ýylyň dört tirkeşikleriniň üçünji aýynyň 13-inde Mosul galalarynyň derwezelerinden biri bolan Syr derwezesinden içeri girdi. Ol galanyň has berk derwezesinden başga ýerden girmejekdigini öň kasam edipdi. Seýfeddiniň Mosulda we Ibn Omar adasynda ykrar edilmegi bilen şäherlerdäki işleri onuň mamluklaryndan biri bolan galadaky orunbasary (dazdary) Sagdeddin Kümüştegin dolandyrdy. Şeýle hem Seýfeddin şäherlerde hökümdarlyk işleriniň hiç birinde ondan üzňelikde hereket etmedi. Nureddin doganynyň ogly Seýfeddine halypa Mustaziniň haladyny sowgat bermek bilen geýdirdi. Şeýle hem ol Seýfedini öz gyzyna öýlendirdi. Nureddin Mosulda ýaşan

wagtynda ony paç tölemekden boşatmak bilen oňa Nury metjidini bina etmekligi tabşyrdy. Nusaýbyn bilen Habury bolsa Seýfeddiniň esgerlerine ýolbaşçylyk edýän emirleriň ygtyýaryna berdi. Nureddin Şama dolanyp baranda, Fahreddin Abdylmesih hem onuň bilen gitdi. Nureddin onuň adyny üýtgedip, ony Abdylla diýip atlandyrdy. Şeýle hem oňa köp möçberde mülk ýerlerini berdi.

Şeýlelikde, Ymadeddin Zeňňiniň Mosuly dolandyran döwründäki täsiri Sanjarda düýbünden ýok bolup gitdi. Nusaýbyn bilen Habur şäherlerini Nured-din Mahmyt bin Gara Arslanyň dolandyr-magy bilen Nureddiniň tabynlygynda boldy. Seýfeddin bolsa ýönekeý hökümdar bolmak bilen Nureddiniň Mosulyň gala-synda özüne bellän orunbasary Sagdeddin Kümüşteginiň gözegçiligi astynda boldy. Mosuldaky we onuň welaýatlaryndaky ähli metjitlerde bolsa Nureddine hutba aýdyldy we adyna zikge kakyldy.

Nureddin 568-nji ýylda kazy Kemaled-din Şährizuryny halypa Mustazynyň ýanyna iberip, onuň ygtyýaryndaky Müsür, Şam, Mesopotamiýa we Mosul şäherlerini, şeýle hem onuň tabynlygyna girýän Diýar-bekir, Hilat, Gylyç Arslanyň hökümdar-lygyndaky şäherleriň ählisini öz ygty-ýaryna bermekligini talap etdi. Halypa bolsa bu ýagdaý bilen ylalaşyp, bu şäherleri ählisini Nureddiniň ygtyýaryna bermek barada ynanç hatyny iberdi.

Şol ýylda hem Nureddin Mosula bardy. 566-njy ýylda onuň merkezinde esaslandyran Nury metjidinde namaz okady. Nureddin ol metjide köp möçberde sadakalary berip, wagyz edijileri, azançylary belledi we metjide gerek bolan haly, düşek, namazlyk ýaly zatlary berdi.

Nureddin dogany Seýfeddin bilen aralaryndaky gowy gatnaşyklary ünsden düşürmezden gorap saklady. Nureddin 569-njy ýylda Salaheddiniň fatymylar köşgüniň hazynasyndan alyp gelen täsin piliň heýkelini Seýfeddine sowgat hökmünde iberdi. Şol döwürde munuň ýaly heýkeller juda seýrek duş gelýän eken. Nureddin mundan başga-da, Seýfeddin Gaza gymmat bahaly dokma önümlerini we anbar iberdi.

B. Mosul esgerleri bilen pereňlileriň arasyndaky söweş

Pereňliler 567-nji ýylda Müsürden Şama barýan iki sany haryt ýüklenen gämini eýeläp, Lazyky şäherinde labyr taşladylar. Pereňliler bu gämileri eýelemek bilen Nureddin bilen aralarynda bagla-nyşan ylalaşyklaryny bozdular. Nureddin olaryň bu işlerine garşy çykyp, gämilerden alan täjirleriň harytlaryny ýerinde goýup, olaryň ikisini hem gaýtaryp bermegi talap edip, hat iberdi. Ýöne pereňliler onuň gämilerini gaýtarmak baradaky talabyny başdansowmalyk bilen inkär etdiler. Olar gämileri döwüp, suwa batyrdylar.
Şondan soňra Nureddin pereňlileriň garşysyna söweşmek üçin taýýarlyk görüp başlady we yslam goşunlaryny söweşe çagyryp, daş-töwerege çaparlary ýollady. Şunlukda, Şamdan, Mesopotamiýadan we Mosuldan gelen goşunlar onuň töwereginde jem boldular. Soňra Nureddin agyr goşuna baş bolmak bilen Arka ýöriş etdi we ony gabawa aldy. Şäheriň töweregindäki etraplary derbi-dagyn etdiler. Şondan soňra Nureddin goşunynyň bir bölegini Safyt we Arym galalaryna tarap ýörişe ugratdy. Olar bu galalaryň ikisini hem güýç bilen basyp alanlaryndan soňra, Arka dolanyp geldiler. Soňra Nureddin uly goşuny bilen Trablusyň Konto şäherindäki umranileri derbi-dagyn etdi. Pereňliler bolsa gämilerden alan zatlaryny mejbury ýagdaýda gaýtaryp berdiler we täzeden ylalaşyk baglaşdylar.

W. Nureddin aradan çykandan soňra Mosulyň syýasy ýagdaýlary

Salaheddin özbaşdak bolmak niýetini mälim edendigi üçin Nureddin ölmeziniň öň ýanlarynda Müsüri onuň elinden almaklygy niýet edinipdi. Çünki Nureddin Şamdaky haçparazlar bilen ýüzbe-ýüz duşuşmak üçin Mosulyň, Mesopotamiýanyň we Diýarbekiriň goşunlaryny kömege çagyryp çaparlary ýollapdy. Şol wagt ol Salaheddine Müsürden gitmekligi ýa-da haçparazlaryň garşysyna söweşmegi teklip etdi. Ýöne Salaheddin hakyky niýetini amala aşyrmak üçin oňa üns bermän, Nureddin bilen duşuşyga taýýarlyk gördi. Şeýlede bolsa, ykbal Nureddiniň bu işlerini amala aşyrmagyna ýol bermedi. Ol 569-njy ýylyň baýram aýynda Damaskda aradan çykdy. Nureddin Hawasyn bazarynyň golaýynda bina etdiren medresesiniň golaýynda depn edildi.

Seýfeddin Gazy bolsa Nureddiniň çagyryşy boýunça esgerleri bilen Halaba ugrapdy. Ol ýolda gelýärkä Nureddiniň wepat bolanlygy baradaky habary eşitdi. Şol wagt Seýfeddiniň goşunyna Sagdeddin Kümüştegin serkerdelik edýärdi. Şondan soňra onuň Seýfeddiniň gazabyndan gorkmagy zerarly Halaba gidip, şol ýerde serkerdelik etdi.
Seýfeddin Nureddiniň wepat bolanyn-dan soňky ýagdaýlardan peýdalanmagy başar-mady. Şol wagt ol ýörişini dowam etdirip, Halaby eýeläpdi. Ibn Daýe bolsa şäheri goramakda onuň öňünde durmagy başarmady. Seýfeddin kakasyndan soň mirasdüşer bolan heniz on bir ýaşy hem dolmadyk ýaşajyk Mälik Salyhy hökümdar belläp, oňa özüniň hossarlyk etjekdigini aýan etdi.
Ýöne Seýfeddin 566-njy ýylda Nured-dinden öňürtiläp eýelän Mesopotamiýanyň şäherlerindäki mülklerini gaýtaryp almagy ýüregine düwdi. Soňra ol Nusaýbyna ýöriş etdi we ony basyp aldy. Goşunlaryndan bir bölegini bolsa Habura iberdi. Olar şäheri eýeläp, ony Seýfediniň tabynlygyna geçir-diler. Ol Harrana baryp ony gabawa alan wagtynda bolsa Nureddiniň mamlugy bolan Gaýmaz Harrany hökümdarlyk edýärdi. Seýfeddin ilki Harrana girmekden saklanan hem bolsa, şäheriň onuň elinde ynamly ýagdaýda galmagyna ýol bermedi. Çünki Seýfeddin Harrany eýeläp, onuň tabyn-lygyndan aldy. Soňra ýene ýörişini dowam etdirmek bilen Rahany basyp aldy. Şeýle-de, Seýfeddin Rakka we Suruç şäherlerini eýeläninden soňra Mesopotamiýadaky Jagbar galasyndan başga ähli ýerler onuň tabynlygynda boldy. Ol gala Mardiniň hökümdary Seýfeddiniň daýysynyň ogly Kutbyň ygtyýarynda bolandygy üçin päsgel bermedi.
Fahreddin Abdylmesih bolsa Şamdan dolanyp geldi we Seýfeddin Gazynyň hyzmatynda gezdi. Fahreddin oňa Ýewfrat derýasyndan geçip, Şamdaky näsazlyklary düzetmegi maslahat berdi. Ýöne Seýfeddin onuň bu pikirini makullamady. Ol uly emirlerinden biri bolan Zülfender ady bilen tanalýan Yzzeddin Mahmydyň nesihatyna bil baglap, emir Seýfeddine şeýle diýdi: «Sen kakaň tabynlygyna giren ýerlerden hem köp ýerleri eýelediň. Indi bolsa sen yzyňa dolansaň peýdaňa bolar."  Seýfeddin bolsa onuň aýdan sözlerinden ugur alyp, Mosula dolandy. Seýfeddin Gazynyň esasy pikiri Nureddiniň döwründe ýüze çykan we täze güýç bolan

Salaheddiniň goşunyna garşy bolmak howpundan gork-makdy. Nureddiniň wepat bolmagy we Salahed-diniň peýda bolmagy, Şam şäherlerindäki güýçli haçparazlaryň goşunynyň öňünde durmaga taýýarlyk hökmünde yslam leşger-lerini bir ýere jemlemegi we ýörişe başlamagy ýaly möhüm syýasy wakalar Mosul bilen Şam şäherleriniň arasyndaky gatnaşyga öz täsirini ýetirdi.

Taryhy makalalar